# Leýanyň gözleri / hekaýa

Category: Goşgular,Hekaýalar,Kitapcy,Romanlar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Leýanyň gözleri / hekaýa LEÝANYŇ GÖZLERI




Kiçijek, näzijek, gözel Leýa…
Alny onuň – aýdyň gündiz mysaly, lebleri – näzik bägüller. Saçlary altyn deý, gözlerem asman.
Eger-de biz Hudaýyň hemme zady hiç zatdan ýaradýandygyny bilmesedik, onda diýerdik, Ol asman mawulygyny alypdyr-da, ondanam Leýanyň gözlerini ýaradypdyr.
Emma, bu gözler hiç zady görmez. Çünki betbagtlyk Aşemden (ýehudylarda: "Şepagatly Hudaý" diýmek) inip, onuň gözlerine-de, olardaky nura-da galtaşdy – şol sebäplem gündizler tüm Leýa üçin, gijelerine Aýam garaňky, ýyldyzlaram.
Leýa batyl boldy. Lowurdanok onuň gözleri, ýok olarda asmanyň mawulygy. Ýöne, şonda-da, Leýa seredýän hemmeler onuň kördügini gümanam etmeýärdiler.

Gözlerinden sogrulan nuruň öwezine Elokim (jöhitlerde Hudaýyň bir ady), Leýany eşiden ähli zadyny hakydasynda saklamak ukyby bilen ýalkady.
Özüniň hassalyk döwründe kakasynyň ýatyş sekisiniň başujunda durup, Aşem Leýanyň gözlerine rehimi inip, olary nurdan mahrum etmez umydy bilen hiňlenip mynajat eden hemme tegilimlerini (Zeburyň aýatlary) ýadynda saklamak serpaýyny bagyş etdi.
Onsoň galdyrdy Leýa ýüreginde özüniň ähli eşiden zatlaryny. Hiç zady unutmady, edil syrkawyň özüni ezýetden dyndaran melhemi unutmaýyşy ýaly unutmady.
Leýa kän aýdymy ýatdan bilýär. Olary oňa, ol kesellikä ejesi başujunda durup aýdyp beripdi.
Şol zamanlaryň adaty hatyn hiňlenmeleri… Ýadynda saklaýar olary Leýa, unutmaýar.
Ol olary aýdýar, öýde-de, köçede-de, aýdýar islendik owadan aýdymy, ony haçan, nirede, kimden eşiden bolsa-da.
Käteler bolsa öz aýdymlarynam oýlap tapýar. Onsoň şeýle pursatlar onuň daşyna çagalar üýşýärdiler-de, ony diňläp doýup bilmeýärdiler.
Sebäbi Leýanyň owazy özüniň şirinligi bilen jadylaýardy, ha şadyýan bolsun, ha gussaly, diňleýjileriň jigeri dilim-dilimdir.
Hatda, mynajat öýünden gaýdyp gelýän garram, säginer-de, hasasyna direnip, onuň owazyna maýyl bolar.
Özüni diňleýänleri syzanda bolsa, Leýa, ejesiniň aýdymlaryny, kakasynyň öz gyzjagazynyň gözleriniň nuruny almazlygyny diläp hiňlenen tegilimlerini sogduryp-sogduryp gursagyndan çykaryp, çar ýanyna ýaýmaga başlaýar.
Leýa tutuş Tegilim Kitabyny (Zebury) ýatdan bilýär – onuň her bir aýadyny jigerinde aýap saklaýar. Leýa dahanyny açan badyna-da, tegilimler daş-töwerege seçilip, öz agtyjaklary ýaly gyzjagazyň özleriniň bilmeýän zatlaryny saýrap durşuna aňk bolup, haýrany-serasyma halda duran gojalaryň gulagyna siňýär.
Ýogsa olaram Tegilim Kitabyny ýyldan-ýyla okaýarlar ahyry?
Patyşamyz biziň (Dawud Alaýhyssalam), bu dogaýy-heňleri, her bir päkýürekli jebirkeş bendesi, hemişe ýadynda saklap, unutmaz ýaly düzüpdir-ä.
Kim, gyzynyň gözlerinden nuruň hemişelik uçýandygyny gören Leýanyň kakasy bilen hasratda deňleşip biler?
Kim, garagynyň nurundan mahrum bolsa-da Aşemden nägile

bolmadyk Leýa bilen ýürek päkliginde deňleşip biler?
Ýere kakylan gazyk deý saň-gaty garrylar, Tegilim Kitabyny çykarmaga howlugardylar, gözlerine äýneklerini dakybam, ses-sedasyz onuň setirlerini yzarlardylar.
Sebäbi gyzjagaz her bir ýazylan zady sözme-söz gaýtalaýardy, ýekeje harpynam galdyrmaýardy.
Leýa bilýär, gojalar ony barlarlar. Ol gyýylýar, Elokimiň öz bilýäni ýaly bilmekligi bagyş etmedik her bir ynsanyna çuň ýürekden gynanýar. Ýöne ol, hiç haçan özüne jinnekçe-de buýsanmaýar, gedemligi gozgamaýar.
Çünki bilýär: aýdyp durka ses sandyrar, onsoň kalbyny wehim eýelän ynsanyňky deý, aýdymyň ähli ajaýyplygam zym-zyýat bolar.
Özem Leýa gorkýar, özüniň garagynyň nurundan mahrum bolşy ýaly, garrylaryňam köňüllerindäki nurdan mahrum bolmaklaryndan elheder alýar. Sebäbi olar Tegilim Kitabyny ýatdan bilmeýärler ahyry…
Şeýle pursatlaram onuň owazy birdenkä üýtgeýär-de, ol çuňňur Gussadan, Rehim-Şepagatdan, Haýpygelmeden püre-pür bolýar.
Bu onuň hassa wagty kakasynyň Aşemiň Leýanyň gözlerine rehimi inip, olary nurdan mahrum etmezligine umytdan dolup tegilime hiňlenýän owazy…
© *Şmuel Ýosef Agnon*



***Şmuel Ýosef Agnon*** *(çyn ady: Şmil-Ýosef Halewi Çaçkes), 1888-nji ýylyň 17-nji iýulynda Awstro-Wenger şalarşalygynyň (imperiýasynyň) Galisiýa gubernatorlygynyň Buçaç obasynda dolup, 1970-nji ýylyň 17-nji fewralynda Iýerusalimde aradan çykan ýazyjy, şahyrdyr. Ol, 1966-njy ýylda "Ýewreý halk äheňleriniň täsiri bilen emele gelen çuňňur özboluşly hekaýat etmek sungaty üçin" edebiýat boýunça Nobel baýragyna mynasyp bolupdyr.*

*Ol takmynan 18 ýaşyndaka iwrit we idiş dillerinde ýazylan ilkinji goşgularyny gazetlerde çap etdirip ugraýar. 1909-njy ýylda onuň "Terk edilen aýallar" (iwritde: "Agunot") atly powesti neşir edilýär. Şondan soňam ol bu ady "Agnon" diýen görnüşde özüne edebi lakam (tahallus, psewdonim) edinýär.*

*Ol 1920-nji ýyllaryň ahyrynda özüniň iň meşhur eseri bolan, iki jiltden ybarat "Toý gerdegi" (Hahnasat kalla) atly romanyny ýazýar we ol 1931-nji ýylda çap edilýär. Bu ýeseriň başdangeçirmeleri eserinde Gündogar Ýewropada özüniň üç gyzyna är hem-de toýbukjasy üçin serişde agtarýan garyp hasidiň (ýehudy dininiň bir akymyna eýeriji) başyndan geçirýän wakalary henekli gülkünç äheňde beýan edilýär. Bu romanda henek we teýene, kinaýa, kiçijik adamyň ykbalyna dözmezçilik, çuňňur haýpygelme bilen sazlaşykly utgaşýar. Hut şu äheňde çeper beýan etmegem Ş.Ý.Agnonyň tutuş döredijiliginiň esasy aýratynlygydyr.*

*Ş.Ý.Agnonyň ýene-de bir meşhur eseri, 1937-nji ýylda neşir edilen "Gijeki myhman" (Oreah nata lalun) romanydyr. Bu romanda özüniň Gündogar Ýewropadaky dogduk şäherçesine görme-görşe baran ýehudynyň başdan geçirmeleri bu ýazyja mahsus bolan teýeneli haýpygelme görnüşinde beýan edilýär. Romanyň baş gahrymany çagaka dessurlaýyn dini ylymlylygyň hem-de takwalygyň mekany bolan şäherçe indi dürli gatlaklaryň, dürli ýaşlylaryň arasyndaky medeni we durmuşy agzalalykdan, dartgynlylykdan, düşünişmezlikden ejir çekýär.*

*Ş.Ý.Agnona, 1966-njy ýylda Nelli Zaks bilen bilelikde edebiýat boýunça Nobel baýragy berlende-de, bu baýrak esasan, hut şol "Toý gerdegi" we "Gijeki myhman" romanlary üçin berilýär.*

Hekaýalar